# Rupyýalar, annalar, paýsalar / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Rupyýalar, annalar, paýsalar / hekaýa RUPYÝALAR, ANNALAR, PAÝSALAR

Köne-küşül satyjynyň dükanynyň gabat garşysyndaky üýşmek hapanyň içinden tapylan ýazuw depderçesiniň ine birnäçe sahypasy:

***1953-nji ýylyň 1-nji ýanwary***
Rupyýalar. Annalar. Paýsalar.

G i r d e j i

Jaýy girewine goýmakdan süýthor Mohan Laldan alnany 500 – –

Ç y k d a j y

Ejemiň hojalygyna 200 – –
Ýazuw depderçesi – – –
Sungatyň bakalawrlygyna
diplom üçin ramka 1 4 –
Tikinçä 45 – –
Wokzala çenli tonga[1] 1 8 –
Laknaudan Bombeýe deneç demir ýol bileti
(1-nji klasly wagon) 55 – –
Ýük çekijä – 8 –
Stansiýadaky larýokdan satyn alnan kitapçalar
(Kinoaktrisalar barada «Ýigrimi bäşiň dälijesi»,
«Günä gijesi», «Söýgi zäheri» hekaýalary) 10 10 –
Ýolda satyn alnan «Skrin», «Film faýer», «Şama»,
«Mustang Ýogi» gazet we žurnallary 2 – –
Çaý bilen kesk – 10 –
Bir gap «Gould Flix» sigareti 3 2 –

Özüme we kupedeş aýala agşamlyk nahary 3 12 –

***1953-nji ýylyň 4-nji ýanwary***

G i r d e j i

Öýden alnyp gaýdylan puldan galany 15 – –
Süýthor Şer Handan karz alnany 200 – –

---

J e m i … 215 – –

Ç y k d a j y

Berginiň ujundan süýthor Şer Hana berilmeli göterimi 20 – –
Myhmanhanadaky nomere 25 – –
Otaga ýerleşdireni üçin dellala 100 – –
Krowat, stul, stol 40 – –
Zähmet biržasyna çenli awtobus kireýi – 4 –
Zähmet biržasyndan amerikan nebit kompaniýasynyň
kontoryna barýança taksä 2 2 –
Kurýere çaý puly 1 – –
Starşiý gullukçyny höweslendirmek üçin 10 – –
Bir gap «Keýpston» sigareti – 10 –
Kinoteatra çenli awtobus – 3 –
Kino (Anarkali) bilet 1 5 –
Antraktda moroženoýe (iki adamlyk) 1 8 –
Parilä çenli awtobusa iki bilet – 8 –
Saça sançgyçly bir çemen gül – 8 –
Agşam şamlyk 1 4 –

***1953-nji ýylyň 1-nji marty***

G i r d e j i

Kontordan 20 günüň aýlygy 85 – –

Ç y k d a j y

Suw puly bilen yşyk 3 8 –
Salgyt 5 4 –

Geýim ýuwuja (25 laý geýim) 3 2 –
«Skrin», «Taýms», «Film Faýer», «Şama» gazetleri 7 2 –
Dellege (saç gyrkdyrmaklyk, sakgal syrdyrmaklyk,
kelle ýuwmaklyk, ýüzi massaž etdirmeklik) 1 12 –
Dellege çaý puly – 4 –
Şekere batyrylan miweler – 8 –
Kitaplar 4 10 –
Telefon (Äýşä) – 2 –
Kino (Anarkali) iki bilet 2 10 –
Moroženoýe 1 8 –
Myhmanhananyň şweýsaryna çaý puly – 4 –
Grand-roudan Malabar Hilla çenli taksi 1 12 –
Günorta nahary (iki adamlyk) 4 8 –
Saça sançgyçly bir çemen gül (Äýşä) – 8 –
Malabar Hilladan Äýşeleriň öýüne deňeç taksi 3 – 8
Awtobus 1 – 4
Bir çüýşe syýa – 12 –
Aspirin – 6 –

***1953-nji ýylyň 5-nji iýuny***

G i r d e j i

Kontordan bir aýyň zähmet haky 105 – –

Ç y k d a j y

Jaý kireýi 25 – –
Suw puly bilen yşyk 3 8 –
Geýim ýuwuja (14 laý eşik) 1 12 –
Berginiň ujundan süýthora berilmeli göterimi 20 – –
Gazetler 1 12 –
Tramwaý – 2 –
Salgytlar 5 – –
Nahar – 10 –
Çaý 1 6 –
Köne kitaplar lawkasyndan satyn alnan kitaplar 1 4 –
Kino (Anarkali) iki bilet – 8 –

Iki «Koka-Kola» içgisi – 8 –
Awtobus – 8 –
«Çar minara» sigareti – 3 –

***1953-nji ýylyň 15-nji awgusty***

G i r d e j i

Süýthor Şer Handan täze karz 200 – –

Ç y k d a j y

Öňki-soňky bergim üçin süýthora berilmeli göterim 40 – –
Ejeme iberen pulum 35 – –
Iberen pulum üçin poçta harjy – 2 –
Gazet («Taýms of Indiýa») – 2 6
Kagyz bilen bukjalar – 12 –
Gerbli markalar (iş bermekleri barada 20 arzalyk blanka) 2 8 –
Ertirlik we öýlän nahary – 8 –
Zähmet biržasyna barýança awtobus – 4 –
Biržadan öýe gelýänçäm tramwaý – 2 –
Kireýine alnan kitaplaryň haky – 3 –
Çaý – 1 –
Bir gap sigaret («Beri») – 2 –
Telefon (Äýşä) – 2 –
Kino (Anarkali) iki bilet 2 10 –
Nohutly kişmiş – 4 –
Iki käse çaý – 8 –
Tramwaý – 2 –
Saça sançgyç üçin – 4 –
Agşam şamy – 6 –

***1953-nji ýylyň 13-nji dekabry***

G i r d e j i

Köne kitaplary we žurnallary satmakdan düşeni 3 7 –
Stuly, stoly we krowaty satmakdan
(Çör-bazardaky satyn alýan magazine) giren girdeji 11 8 –

Köne geýimleriň satylmagyndan düşeni 13 – –

---

Jemi… 27 15 –

Ç y k d a j y

Telefon (Äýşä) – 2 –
Kino (Anarkali) iki bilet 5 4 –
Palu Bandara çenli taksi 2 4 –
Nahar (iki adamlyk) 10 8 –
Ofisiantka çaý puly 2 8 –
Saça sançgyçly çemenjik – 8 –
Gül satyja çaý puly – 8 –
Pan – 8 –
Pan satyja çaý puly – 8 –
Äýşeleriň öýüne çenli taksi – 8 –
Şofýora çaý puly 2 4 –
Äýşä ýazylan hata marka – 2 –
Uky dermany (tirýek suwundan gys-gyrmaja bir çüýşe) 2 12 –
«Alla seniň ömrüňi uzaltsyn!» diýip, sadaka alan gedaýa – 1 -

---

J e m i … 27 15 –
G a l a n y: N O L

Hoja AHMET APBAS,
hindi ýazyjysy.

---

*1 Tonga – at goşulýan üsti serpme brezentli iki tigirli araba. Hindistanda şäher ulagynyň has giň ýaýran görnüşi.*

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1961 ý. Hekaýalar